# Ýaponiýa bilen Türkmenistanyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan medeni çärelere gatnaşmaga ýüz tutmak üçin talaplar




Ýaponiýanyň Ilçihanasy Ýaponiýa bilen Türkmenistanyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan medeni çäreleri geçirer. 10-njy oktýabrdan (duşenbe) 15-nji oktýabr aralygynda (şenbe) Türkmenabat, Mary we Aşgabat şäherlerinde üç sany çäre geçiriler: "Matsuri-30" (şýamisende (üç kirişli saz guraly) çykyş, Ýaponiýanyň medeniýeti we tehnologiýasy barada sergi), Ýapon filmleriniň festiwaly we Ýapon tagamlaryny taýýarlaýyş demonstrasiýasy. Giriş tölegsiz, ýöne deslapky hasaba alynmak hökmandyr. Her çäre we hasaba alynmagynyň talaplary barada jikme-jik maglumat aşakda görkezilen. Talapnamalaryňyza sabyrsyzlyk bilen garaşýarys.

**<u>1. Her çäre barada anyk maglumat</u>**

**(1) [PDF: Matsuri-30]**

**(2) [PDF: Ýapon filmleriniň festiwaly]**

**(3) [PDF: Ýapon tagamlaryny taýýarlaýyş demonstrasiýasy]**

**<u>2. Gatnaşmak üçin ýüz tutmak</u>**

**(1) Talapnama bermegiň soňky möhleti**

**2022-nji ýylyň 26-njy sentýabrdan (duşenbe) 2-nji oktýabryna (ýekşenbe) çenli**

- Ýeňijilere habar haty: 2022-nji ýylyň 5-nji oktýabryndan (çarşenbe) soň
- Dalaşgärleriň sany meýilleşdirilen sandan köp bolsa, adam sanyny çäklendirmeli bolar. 7-nji oktýabr, anna gününe çenli habar hatyny almasaňyz, adam sanynyň çäklidigi sebäpli gatnaşyp bilmejekdigiňize üns bermegiňizi haýyş edýäris. Matsuri-30 üçin, ýüz tutýanlaryň sany köp bolsa, birinji ýarymdaky giriş we ikinji ýarymdaky girişe bölüner. Olaryň haýsydyr birine gatnaşmak isleseňiz, muny elektron poçta arkaly talapnamaňyzda görkezmegiňizi haýyş edýäris.

**<u>(2) Talapnama bermegiň usullary / talaplary</u>**

- Talapnama bilen ýüz tutmagyňyzdan ozal hökman barlaň.
  Talapnamalar **<u>diňe elektron poçta arkaly kabul edilýär.</u>**
  Düzgün boýunça talapnamalar telefon arkaly kabul edilmeýär.
  Aşakdaky bellikleri we ş.m. hökman okaň, sebäbi olar medeni çärelere talapnama bereniňizde we olara gatnaşanyňyzda möhümdir.

【 Bellikler 】

・Satmak / alyş-çalyş etmek gadagan.

・Her çärä **<u>diňe 1 adam üçin talapnama</u>** berip bolar.

(Ýanyňyz bilen çaga getirmek isleseňiz, elektron poçta arkaly ýüz tutan wagtyňyz biziň bilen habarlaşmagyňyzy haýyş edýäris.)

・Çäräniň geçirilýän ýerine gireniňizde şahsyýetnamaňyzdaky ady sorap, şahsyýetiňizi tassyklatmagymyz mümkin. **<u>Şonuň üçin şahsyýetnamaňyzy ýatdan çykarman ýanyňyz bilen getirmegiňizi haýyş edýäris.</u>**

**1-NJI ÄDIM**

**<u>Ilçihana tarapyndan görkezilen elektron poçta salgysyna zerur maglumatlary öz içine alýan elektron haty iberiň</u>.**

Talapnama bermek üçin her çäräniň mazmunyny, geçiriljek ýerini, senesini we wagtyny tassyklaň, <u>elektron poçtanyň temasynda islenilýän çäre üçin aşakdaky talapnama koduny (*) goşuň, elektron hatda bolsa aşakdaky zerur maglumatlary goşup, Ilçihananyň elektron poçta salgysyna (jp-culture @ ah.mofa.go.jp) iberiň.</u>

◎Talaplar

1) Islenýan çäre
2) Ady
3) Jynsy
4) Ýaşy
5) Elektron poçta salgysy

Mysal üçin)

Salgy: jp-culture@ah.mofa.go.jp

Tema: **JPFilmT1 (*)**

Tekst:

1) Ýapon filmleriniň festiwaly / Görkezme ① / Türkmenabat
2) Ady: Taişikan Taro
3) Jynsy: erkek
4) Ýaşy: 30 ýaş
5) Elektron poçta salgysy: <u>Taro.Taishikan@gmail.com</u>

* **Her çäre üçin talapnama kody (elektron hatyň temasynda görkezmegiňizi haýyş edýäris)**

**<u>(1) Matsuri-30</u>**

**JPFesT :** Matsuri-30 / Türkmenabat

**JPFesM :** Matsuri-30 / Mary

**JPFesA :** Matsuri-30 / Aşgabat

**<u>(2) Ýapon filmleriniň festiwaly</u>**

**JPFilmT1 :** Ýapon filmi / Görkezme ① / Türkmenabat

**JPFilmT2 :** Ýapon filmi / Görkezme ② / Türkmenabat

**JPFilmM1:** Ýapon filmi / Görkezme ① / Mary

**JPFilmM2:** Ýapon filmi / Görkezme ② / Mary

**JPFilmA1 :** Ýapon filmi / Görkezme ① / Aşgabat

**JPFilmA2 :** Ýapon filmi / Görkezme ② / Aşgabat

**<u>(3) Ýapon tagamlaryny bişiriş demonstrasiýasy</u>**

**JPFoodT :** Ýapon tagamlaryny bişiriş demonstrasiýasy / Türkmenabat

**JPFoodM:** Ýapon tagamlaryny bişiriş demonstrasiýasy / Mary

**2-NJI ÄDIM**

**<u>Talapnama netijesiniň tassyklamasyny alyň</u>**

Ýeňijilere 2022-nji ýylyň 7-nji oktýabryna (anna) çenli talapnama iberilen elektron poçtasyna Ilçihananyň elektron salgysyndan (jp-culture@ah.mofa.go.jp) habar beriler.

**Habar hatynyň iberilmegi: 2022-nji ýylyň 7-nji oktýabry (anna)**

**3-NJI ÄDIM**

**<u>Geçirilýan ýeriň girelgesinde habar haty gelen elektron poçtanyň ekranyny görkeziň.</u>**

Çäräniň geçiriljek güni Ilçihananyň iberen habarnamasyny her çäräniň geçiriljek ýeriniň girelgesinde barlarys, şonuň üçin geleniňizden soň, Ilçihananyň iberen habar hatyny elektron ýa-da çap edilen görnüşinde görkezmegiňizi haýyş edýäris. Şol bir wagtyň özünde şahsyýetnamaňyzy barlap hem bileris, şonuň üçin **pasportyňyzy ýatdan çykarman ýanyňyz bilen getirmegiňizi haýyş edýäris.**

# Matsuri-30

Ýaponiýa bilen Türkmenistanyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygy mynasybetli aşakdaky senelerde Türkmenabat, Mary we Aşgabat şäherlerinde omnibus stilinde uly göwrümli “Matsuri-30” çäresini geçirilip, onuň esasynda Şamisende (üç kirişli saz guraly) çykyş, şeýle hem ikebana, çaý dabarasy we kimono görkeziler. Şýamisen çykyşy, ikebana we çaý dabarasy, ýukatany (tomus kimono) geýmekden başga-da, AIBO, Nintendo Switch we origami üçin stendler hem meýilleşdirilýär. Birinji sessiýa çagyrylan bolsaňyz, açylyş dabarasyna hem gatnaşmagyňyzy haýyş edýäris.

**Türkmenabat ş.**

Geçirlýän ýeri: Lebap welaýatynyň Seýitnazar Seýdi adyndaky Döwlet sazly-drama teatry

Güni we wagty: 2022 ýylyň 11-nji oktýabry (sişenbe) 18:00-21:00

17:30 Gapylar açylýar

18:00 Açylyş dabarasy

18:30-19:15 Şýamisende çykyş (birinji sessiýa)

20:00-20:45 Şýamisende çykyş (ikinji sessiýa)

**Mary ş.**

Geçirlýän ýeri: Mary welaýatynyň Kemine adyndaky Döwlet drama teatry

Güni we wagty: 2022 ýylyň 13-nji oktýabry (penşenbe) 18:00-21:00

17:30 Gapylar açylýar

18:00 Açylyş dabarasy

18:30-19:15 Şýamisende çykyş (birinji sessiýa)

20:00-20:45 Şýamisende çykyş (ikinji sessiýa)

**Aşgabat ş.**

Geçirilýän ýeri: Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgi

Güni we wagty: 2022 ýylyň 15-nji oktýabry (şenbe) 13:00~18:00

13:00 Gapylar açylýar

14:30 Açylyş dabarasy

14:45-15:30 Şýamisende çykyş (birinji sessiýa)

16:15-17:00 Şýamisende çykyş (ikinji sessiýa)



# Ýapon filmleriniň 6-njy festiwaly

Türkmenabat, Mary we Aşgabat şäherleriniň hersinide 2 ýapon filmden görkeziler. ① filme tomaşa etmek isleýänler, 17:30-daky açylyş dabarasyna gatnaşmagyňyzy haýyş edýäris. ② filmi görmäge geljek myhmanlar bolsa, film görkezilip başlamazyndan ozal ýerleriňizde oturmagyňyzy haýyş edýaris. Filmleriň hemmesi Ýaponiýanyň dürli-dürli we baý medeniýetini duýup boljak ajaýyp eserlerdir, şonuň üçin göwnüňizden turar diýip umyt edýäris.

**<u>Türkmenabat ş.</u>**

Geçiriljek ýeri: Medeniýet öýi

Güni we wagty: 2022-nji ýylyň 10-njy oktýabry (duşenbe)

17:30　Açylyş dabarasy

18:00-19:37 ① «Şu tomsuň filmi» (It’s a Summer film) filminiň görkezilişi

20:00-21:54 ② «Batyr kakam onlaýn: Final Fantasy XIV baradaky hekaýamyz» (Brave Father Online: Our Story of Final Fantasy XIV) filminiň görkezilişi

**<u>Mary ş.</u>**

Geçiriljek ýeri: “Belent” SM-niň kinoteatry

Güni we wagty: 2022-nji ýylyň 12-nji oktýabry (çarşenbe)

17:30　Açylyş dabarasy

18:00-19:54 ① «Batyr kakam onlaýn: Final Fantasy XIV baradaky hekaýamyz» (Brave Father Online: Our Story of Final Fantasy XIV) filminiň görkezilişi

20:00-21:37 ② «Şu tomsuň filmi» (It’s a Summer film) filminiň görkezilişi

**<u>Aşgabat ş.</u>**

Geçiriljek ýeri: “Aşgabat” kinoteatry

Güni we wagty: 2022-nji ýylyň 14-nji oktýabry (anna)

17:30　Açylyş dabarasy

18:00-19:54 ① «Batyr kakam onlaýn: Final Fantasy XIV baradaky hekaýamyz» (Brave Father Online: Our Story of Final Fantasy XIV) filminiň görkezilişi

20:00-21:37 ② «Şu tomsuň filmi» (It’s a Summer film) filminiň görkezilişi

# Görkeziljek 2 filmiň beýany

## «Şu tomsuň filmi»
## (It’s a Summer film)

Baş gahryman, taryhy dramalary halaýan uly synplar üçin mekdebiň üçünji synp okuwçysy. Ýöne onuň degişli bolan kinokluby diňe romantik komediýalar diýlip atlandyrylýan romantiki filmleri çykarýar. Günleriň birinde düşüresi gelýän taryhy dramasyny düşürip bilmeýändiginden gynanýan baş gahrymanyň öňünden birden samuraý roluna laýyk gelýän bir ýigit peýda bolýar. Täsin bir ýaş ýigit bilen geçirilen duşuşykdan ylham alan baş gahryman, “Romantiki komediýany ýok edeliň!”, “Geliň bilelikde kino düşüreliň!” şygary bilen mekdep festiwalynda gizlinlik bilen filmi ekrana çykarmagy ýüregine düwýär. Baş gahryman ähli ýaşlygyny özboluşly dostlary bilen film döretmäge bagyşlaýar.

## «Batyr kakam onlaýn: Final Fantasy XIV baradaky hekaýamyz»
## (Brave Father Online: Our Story of Final Fantasy XIV)

Işinde maksadaokgunly kakasy birden kompaniýadaky işinden çykýar. Häzir ol uzakly gün telewizora tomaşa edýän kaka. Kakasynyň hakyky niýetini bilmek islegi bilen baş gahryman meýilnama düzýär. Çagalykda bile oýnan oýny ýadyna düşüp, ol kakasyny "Final Fantasy" atly onlaýn oýnuň dünýäsine çagyrýar we olar hakyky şahsyýetlerini gizläp bilelikde başdan geçirmelere ugraýarlar. Uzak wagt bäri biri-birini görmän geçip, onlaýn oýun arkaly täzeden birikýän kaka bilen ogul baradaky täsir galdyryjy hekaýadyr.



# Ýapon tagamlaryny taýýarlaýyş demonstrasiýasy

Türkmenabat, Mary we Aşgabat şäherlerinde “maki-zuşi”-niň (suşi rollaryň) taýýarlaýyş demonstrasiýasy geçiriler. Çäräniň geçiriljek güni Ilçiniň rezidensiýasynyň resmi aşpezi jenap Maçida Hiroýuki leksiýa we demonstrasiýa arkaly ýapon azyk medeniýeti bilen tanyş eder.

**Türkmenabat ş.**

Geçiriljek ýeri: “Kämil” restorany (“Döwrebap” SM, 3-nji gat)

Güni we wagty: 2022-nji ýylyň 1-njy oktýabry (duşenbe) 14:30-16:00

**Mary ş.**

Geçiriljek ýeri: “Belent” restorany (“Belent” SM, 4-nji gat)

Güni we wagty: 2022-nji ýylyň 12-nji oktýabry (çarşenbe) 15:30-17:00

**Aşgabat ş.**

Geçiriljek ýeri: Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgi

Güni we wagty: 2022-nji ýylyň 15-nji oktýabry (şenbe)

1-nji sessiýa 13:30~

2-nji sessiýa 15:30~

3-nji sessiýa 17:30~

